# Ýakyp ýörsüñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýakyp ýörsüñ ÝAKYP ÝÖRSÜÑ

(Ahwalat)

*Ozüm dürsäp, ele alýan,*
*Köşeşen ýalam bolýan…*
*Ýöne… saňa sataşýan,*
*Ýene, lowlap tutaşýan.*

Yşkyň bilen, oda salyp,
Sen-ä meni ýakyp ýörsüň.
Göz öňümde surat bolup,
Mydam, maňa bakyp dursuň.

Sataşamda, lak atаňda,
Sözleň gulaga ýetende,
Göwnüm çagdyr, gül bitende,
Özüň suwlap, ekip ýörsüň.

Öňden ýetik meniň derdim,
Üstesini sende gördüm,
Aşyk bolup, koňül berdim,
Bolman-da bir, umyt berseň.

Synaň çeýe, sag görüner,
Galbaň göwüsler sürüner,
Ýorgan galkar, seleňlener,
Nesip etse, goýna girseň.

Bezenşiňe berseň timar,
Eglenşim bar, gözüm güýmär,
Ýürek urnar, gursagym dar,
Eger, gelip, halym sorsaň.

Senden geler, jennet ysy,

Hüýr-melegiň sensiň «tüýsi»,
Peri haýsy? Ynsan haýsy,
Tanan bolmaz, bile dursaň.

«Barlyk» bolsa, öter wagty,
Sen köňlümiň kanagaty,
Nesip edip, maňa bagty,
Meniň bilen döwran sürseň.

Görmän oňsam — synanşygym,
Görsem, gözde gamaşygym,
Ýokdur öýtme, hak aşygyň,
«Ah» diýmerin, läşim serseň.

Dertlilere em bolmasa,
Güller solar nem gelmese,
llli sözün jem bilmese,
Takdyrda nä, bakyp görseň. Goşgular